# Global düzgün

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Global düzgün GLOBAL DÜZGÜN




*Ilýustrasiýa: Xinmei Liu / NYT*

Bu labirintde käbirleri «täze dünýä düzgününiň» gözleginde. Käbirleri bolsa ekstremistik sagyň beýgelmeginden gorkýar. Emma hemmämiz ýönekeýje bir sebäpden ötri kommunizmiň şindizem dünýäniň 5%-ni emele getirýändigini ýatdan çykýarýarys. Şonuň üçinem Hytaý häzirem Kommunistik partiýanyň agalygy astynda ýaşaýar. Ýöne bu agalyk ne Mao Szedunyň, ne Marksyň, ne-de Leniniň kommunizmi.

Belki-de, «Hytaý Halk Respublikasy» we «sosialistik Hytaý» günleri gaýdyp yzyna gelmejek ýaly bireýýäm geçip gitdi.

Häzir Hytaý Hindistandan soň dünýäniň iň uly kapitalistik ýurdy we ABŞ-dan soň iň güýçli erkin ykdysady güýji.

Şeýle global ýok boluşda hiç kimse kommunizmiň gürrüňini edenok, emma nasionalistik akymlaryň janlanyşyna şaýat bolýarys.

Aýratynam, Wladimir Putiniň kyrk ýaşynda we şonça wagta çenli ömründe başga režimi ykrar etmeýärkä nasionalizmiň hem-ä öz

içinde, hemem dünýäde çagşan Russiýasynda.
Häzir Putin garaşsyzlyga bolan meýli sebäpli Ukraina «nasist» diýmekden çekinenok we bu meýli oňa garşy uruş turuzmak üçin sebäp saýýar. Şeýdibem uruş we nasionalistik meýiller megerem her iki ýurtda-da ýetmiş ýyllap kommunistik häkimiýet astynda bolup geçmedik ýaly ot alyp tutaşdy.
Hytaýyň yzy bilen dört ýurt şindizem kommunizmiň baýdagyny pasyrdadýar: Wýetnam, Laos, Kuba, Demirgazyk Koreýa.
Hemmesi-de düýnüň kommunizminiň hiç bir prinsipine eýerenok.
Wýetnamyň paýtagtynda Ho Şi Miniň ady gury ýatlamadan başga zat däl.
Kuba Kastronyň mirasyndan her geçen gün daşlaşyp, özüniň ýene bir ädimde ýadro uruşyna iterjek amerikan goňşusyna gaýdyp gelýär.
Laos bardygyny ýatladýan her turisti göwnaçyklyk bilen garşylaýar.
Demirgazyk Koreýa bolsa, maňlaýynda ýazylany görmäge garaşýar.



Häzir otuz ýaşynda, ýagny Putiniñ Kremle aralaşan döwründe dünýä inenler Rim imperiýasynyñ ýa-da ondan öñküleriñ taryhyny öwrenýän taryhçy kimin kommunizmiñ taryhyny öwrenýärler.
Imperiýalar çagşanda, paýtagtlary-da öñki güýçlerini ýitirýär.
Sowet Soýuzy darganda-da kommunizm dargady we Moskwanyñ aýtymyndaky kiçijik närselerden ybarat paýtagtlar dyr-pytrak boldy.
Günbataryñ imperiýalary gadymy döwürlerde däl, gözümiziñ alnynda ýok boldy. Hiç kim bularyñ häzirki imperial döwletlerden has uly bolandyklaryny ýada salmaýar. Geçen asyr soñlanmanka Birleşen Korollygyñ, Fransiýanyñ, Sowet Soýuzynyñ häzirkisinden has giñ meýdany tutandygy ýatdan çykdy.
Muña derek taryhyñ iñ uly köp ilatyna eýe Hindistan we Hytaý ýaly öñki koloniýalar täze imperiýalara öwrüldi.
ABŞ-dyr Russiýa öz uruşlary bilen başagaý bolup ýörşüne, Hytaý Taýwan bilen boljak uruşyna (Alla gorasyn!) garaşýar we bir ýandanam «howpsuz asudalygyñ» wagtlaýyn sapasyny sürýär.
Ine, ýurtlaryñ başgalaryñ ejizliginiñ hasabyna beýgelýän, ejiziñ güýçlenýän we güýçliniñ ejizleýän «global düzgüni» şular ýaly.

Semir ATAULLAH,

Liwanly źurnalist.

Şenbe, 10.02.2024 ý. Publisistika